# Wagyz kitaby

## Giriş

*Wagyz kitaby* patyşalyk süren Süleýman pygamber tarapyndan ýazylandyr. Ýewreý sözi kohelet ‘mugallym’ ýa-da ‘wagyzçy’ diýmegi aňladýar. Mukaddes Ýazgylaryň «Eýýup», «Süleýmanyň pähimleri», «Mezmurlar» ýaly, «Wagyz kitaby» hem pähim-paýhasdan doludyr.

Wagyzçy öz kitabynda ynsanlaryň durmuşyna syn edip, ähli zadyň biderekdigini ýüze çykarýar (1:1). Birinjiden, ynsanlar näçe jan çekseler-de, durmuşyň mizemejek asyl manysyna ýetip bilmeýärler. Ikinjiden, pähim-paýhas akmaklykdan gowy, emma şonda-da ynsan paýhasy ähli meseleleri çözüp bilmeýär. Üçünjiden, ynsanlar durmuşda bütinleý gapma-garşy bolan ýagdaýlara duş bolýarlar, ynsan paýhasy bu gapma-garşylyklary sazlaşdyryp bilmeýär. Şeýle ýagdaýlaryň iň erbedi hem ynsan ömrüniň hem haýwanlaryňky ýaly ölüm bilen tamamlanyp, olar topraga dolanýarlar. Dördünjiden, Hudaý ynsanlary dogruçyl edip ýaratsa-da, olar hemişe başgalary öz bähbitleri üçin ulanmaga ymtylyp, Hudaýy närazy edýärler. Bäşinjiden, ynsanlar özlerinden soň, hatda ýakyn gelejekde nämeleriň boljakdygyny bilmeýärler. Altynjydan, Hudaý ynsanlary öz orunlaryny biler ýaly edýär. Iň soňkusy-da, Hudaý ähli zatlaryň tertibini we ornuny kesgitledi, ynsan olary üýtgedip bilmez. Şoňa görä-de, pähim-paýhas şulara eýermegi maslahat berýär:

1. Ynsandygyňa şükür edip, durmuşdan lezzet al
2. Ýetip bilmejek maksatlaryňa ymtylma
3. Durmuş ýörelgäňde paýhasly bol
4. Hudaýdan gork we Onuň buýruklaryny berjaý et (12:13).

Wagyzçy öz kitabynyň ahyrynda Hudaýa ýüregimiziň töründen orun berip, Onuň buýruklaryna laýyklykda manyly, maksatly we şadyýan durmuşda ýaşamagy ündeýär.

#### Mazmuny

Durmuşyň manysy barmyka? 1:1—2:26
Durmuş barada pikir ýöretmeler 3:1—11:8
Jemleýji nesihat 11:9—12:8
Soňky söz 12:9-14

# 1-nji bap

### Bar zat biderekdir

1 Bu Iýerusalimde patyşalyk eden Dawudyň ogly
Wagyzçynyň sözleridir. 2 Wagyzçy: «Biderek! Biderek!
Bary biderek!» diýýär.
3 Ynsan Günüň astynda çekýän zähmetinden näme peýda
tapýar? 4 Bir nesil gidip, bir nesil gelýär; emma bu dünýä
ebedilik galýar. 5 Gün dogýar, ýaşýar; öz dogjak ýerine
tarap howlugýar. 6 Ýel günorta tarap öwüsýär, soňra
demirgazyga öwrülýär. Ol töwerege aýlanyp-aýlanyp,
ýene öz aýlawyna dolanýar. 7 Ähli derýalar deňze akýar,
emma deňiz dolmaýar. Derýalar täzeden akmak üçin öz
akýan ýerine dolanýarlar. 8 Bar zat irizýär. Muny söz bilen
beýan edip bolmaz. Göz görmekden doýmaýar, gulak-da
eşitmekden. 9 Näme bolan bolsa, ýene şol bolar, näme
edilen bolsa, ýene şol ediler. Günüň astynda täze zat ýok.
10 «Seret, ine, şu täze» diýip boljak zat barmy? Ol owaldan
bardy, bizden öňem bolupdyr. 11 Öňki bolup geçeni hiç
kim ýatlamaz; indiki geljekler-de, häzirki hem soňky
boljak zatlary ýatlamaz.

### Paýhasa eýe bolmak salgyma çapmak ýalydyr

12 Men, Wagyzçy, Iýerusalimde Ysraýylyň patyşasydym.
13 Gögüň astynda edilýän ähli zatlar barada paýhas
bilen gözleg hem barlag geçirmegi ýüregime düwdüm.
Işli bolsunlar diýip, bu Hudaýyň ynsanlara beren agyr
ýumşydyr. 14 Günüň astynda edilýän ähli işleri gördüm;
ine, bary biderek, salgyma çapmak.

15 «Egrini göneldip bolmaz; ýok zady-da sanap bolmaz».

16 Öz-özüme şeýle diýdim: «Ine, men beýik bolup,
paýhasda özümden öň Iýerusalimde hökmürowanlyk
edenleriň hemmesinden ozdum. Ýüregim paýhas bilen
bilime baýdy». 17 Akyldarlyga, telbelikdir akmaklyga
düşünmäge ýüregimi berdim. Munuň-da salgyma
çapmakdygyny bildim.

18 «Paýhas näçe köp bolsa, gussa-da şonça köpdür.
Bilimini artdyrýanlar, derdini-de artdyrýandyrlar».